# «Asteriks» koronawirusy üç ýyl öňünden çaklap bildimikä?

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Asteriks" koronawirusy üç ýyl öňünden çaklap bildimikä?
«ASTERIKS» KORONAWIRUSU ÜÇ ÝYL ÖŇÜNDEN ÇAKLAP BILDIMIKÄ?

Köplenç «Simpsona» ýöňkelýän gelejegi görme ukyby bu gezek «Asterikse» nesip etdi. Komiksiň 2017-nji ýyldaky sanynda uly-uly puntolar bilen ýazylan «koronawirus» sözüniň bardygy anyklandy.
«Asteriks» fransuz ýazyjysy Rene Gossini we suratkeş Albert Uderzo tarapyndan döredilen komiksler tapgyrynyň adydyr.
Komiks b.e.öňki 50-nji ýylda Rim basybalyjylaryna garşy göreşýän Galliýa obasynyň başdan geçirmelerinden söz açýar. fransuz-belgiýa komiksleri komiks žanrynyň aýratyn bir şahasyny emele getirýär.
Golaýda komiksiň 2017-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda çap edilen «Asterix and the Chariot Race» atly nobatdaky sanynda koronawirusdan söz açýandygy barada gürrüň ýaýrady.
Suratkeş Albert Uderzo Gossininiň 1977-njy ýylda aradan çykmagyndan soň komiks tapgyryny dürli ýazyjylar bilen bile dowam etdirip gelýär. Bu gezekki sanynda bolsa ol fransuz ýazyjysy Žan-Iw Ferri bilen işleşipdi.
Žan-Iw Ferri gelejegi çaklap bildimikä? Gürrüňiň magadyna ýetip göreliňmi?
Asteriks we Obeliks bu başdan geçirmede «Koronawirus» lakamly ýüzüne maska dakýan biri bilen bäsleşýär.
Koronawirus (Cov), aslynda häzir köpçülikleýin keseliň ýaýramagyna sebäp bolan COVID-19-yň degişli uly wirus maşgalasynyň adydyr. Ýagny onuň ady öňdenem tanyş. Bu maşgala degişli wiruslardan (hususanam MERS – CoV we SARS-CoV) haýwanlaryň arasynda köp duş gelýär. Adamlara ýolugan wersiýasynyň adyna bolsa ilki 2019-njy ýylda – CoV, soňra COVID-19 diýildi.

Koronawirusyñ bu at bilen ýaýramagynyñ sebäbi, mikrobyñ daşynda täç şekilli gabygyñ bolmagydyr.
«Korona» — «crown» sözünden bolup, «täç» manysyny berýär.
Gürrüñi gidýän «Asteriks» kyssasynda bolsa gizlin ýaryşçy aslynda Sezaryñ bir adamydyr.
Galliýa obasyny basyp almakçy bolýan Sezaryñ nökerine — «täç dakynan wirus», ýagny koronawirus diýse bolar. Ol şowsuzlyga uçransoñ, ýerine hut Sezaryñ özi geçýär.
Gepiñ gysgasy, Asteriks gelejegi görmekden ötri, diñe, ýöne bir söz oýnamyny edipdir.
Şeýle-de bolsa, bu habarlar «Asteriksiñ» müşderisiniñ artmagyna we 92 ýaşly Uderzonuñ ýüzüniñ gülmegine sebäp bolsa gerek.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

© Kitapçylar. Edebiýat täzelikleri